http://vk.com/mugallym_we_biz

Zigfrid LENS




# Göze görünmeýän goňşy

(Hekaýa)

Myhmanhananyň nobatçysy bu ýere täze gelýän adamlaryň hasaby ýöredilýän žurnalyň ýüzünde uçlary gyzaryp giden, dyrnaklary dişlenip gädilen barmaklaryny gezdirdi-de, duýgudaşlyk bilen eginlerini gysdy:

— Gynansagam, biz size başga hiç zat teklip edip bilemzok. Ýarygijäniň içinde hiç bir ýerdenem siz özbaşyna aýratyn otag tapyp bilmersiňiz. Isleseňiz, beýleki myhmanhanalardan hem soragideg edip görüň, bu — öz işiňiz. Ýöne iş bitirmän, ýene öwrülip gelseňiz welin, size hiç hili kömek edip bilmejekdigimizi duýduryaryn. Otagdaky, siziň göwnüňize ýaramaýan bu iki orunyň häzirki boş birini hem muňa deňeç özüňiz ýaly, ýadaw biriniň eýelemegi ahmal — diýip, ol müşderiniň ýüzüne garady.

— Ýagşy, men garşy däl — diýip, jenap Şwamm razylaşdy. — Meniň otagda kim bilen boljagymy bilesimiň gelýändigi sizi o diýen geňirgendirip durasy ýok-la. Ýok, men muny gorkup soramok, elbetde, maňa gorkara zat hem ýok, emma şeýle-de bolsa… Ýogsa-da, meniň ýoldaşym… tutuş gijäni bile geçirjek adamyňa ýoldaş diýip bolýan bolsa… Ol eýýäm bärdemi?

— Hawa, ol otagda. Uklap ýatyr.

— Hä, ýatyr diýseňizläň — diýip, Şwamm pikire batyp durşuna gaýtalady. Soňra ol bellige alynýan kagyzy aldy-da, ony üns bilen dolduryp, nobatça gaýdyp berdi.

Öz bolmaly otagyna tarap, ýokary galyp barýan Şwammy geň duýgy gaplap aldy. Göýä, ol tümlükde özüne her tüýsli oslagsyz zatlar garaşýan, göýä, düýbi görünmeýän gurruk guýa bökmäge hyýallanýan ýalydy. Ol otagyň gapysyna golaýlady-da, ondan haýsydyr bir sesiň gelýänini ýa-da gelmeýänini eşitjek bolýan dek, ädimini haýalladyp diňşirgendi. Eglip, açar sokulýan deşijekden jyklady. Otagyň içi garaňkydy. Şwamm: «Ol özüniň näme işleýändigi daşyndan görünmez ýaly, deşigi bir zat bilen petiklän bolmagy hem ahmal» diýip oýlandy.

Şol barmana-da Şwamm basgançakda aýak seslerini eşitdi. Oňa nähilidir bir çykalga tapmak gerekdi. Ol has aňyrrak ýörän bolup, göýä özüni häzir azaşan kişi hökmünde görkezibem bilerdi — elbetde, bu onuň öz işi, başga bir tarapdan alsaň, ol iki krowatyň birini eýeläp uklap ýatan adamly bu otaga hem girip bilerdi.

Şwamm öz bolup durşuna ýylgyrdy-da, gapyny açyp, içeri ätledi.

Dogrudanam, otagyň içi tüm garaňkydy. Ol gapydan girişine, çyrany ýakmak üçin sermenip ugrady. Birdenem ol allaniçigsi bolup doňup galdy. Şwamm: «Krowatlar hut şu taýda, gapdaljygymda dur» diýen netijä geldi. Kimdir biri ýuwaşja sokdurup, ýöne dogumly ses bilen:

— Duruň! Haýyş edýän, çyrany ýakmaň. Şeýtseňiz, siz maňa uly ýagşylyk edersiňiz. Goý, otagyň içi garaňkylygyna galsyn — diýdi.

— Siz maňa garaşýarmydyňyz? — diýip, howsala Şwamm bilen sorady.

Onuň soragy jogapsyz galdy. Muňa derek ol adam:

— Meniň pişeklerime büdräýmäweriň. Seresabrak ýöräň, ol ýerde — otagyň ortasynda hem goşgolamlarym bardyr. Men size öz krowatyňyza nähili barmalydygyny takyk salgy bereýin. Diwaryň ugry bilen üç ädim ädiň, soňra çepe sowluň. Ýene-de üç ädim ýöräň, onsoň krowatyňyzyň arkasyna eliňiz galtaşar — diýip, nätanyş adam Şwamma «ýol salgy» berdi.

Şeýdip, Şwamm öz düşegine ýetdi. Eşiklerini çykardy-da, ýorganҫanyň astyna sümüldi. Ol öz goňşusynyň dem alşyny eşidip ýatan ýerinden, ondan öňürti uklap bilmejegini aňýardy.

— Eýsem-de bolsa — diýip, Şwamm assaja dillendi: — Men Şwamm.

— Şwamm diýýäňizmi?! — diýip, goňşusy seslendi.

— Hawa.

— Siz ýygnaga geldiňizmi?

— Ýok, siz?

— Ýok.

— Iş bilenmi?

— Aý, ýok-la, iş bilen diýib-ä biljek däl.

— Men bu ýere örän täsin sebäp bilen geldim. Meniňki ýaly alada bilen şähere gelýän-de ýok bolsa gerek?

Şu golaýda demir ýol menzili bardy. Otly geçip gitdi, ýer sarsyp, krowatlar şakyrdady.

— Näme, siz bu ýerde öz janyňyza kast etmekçimi? — diýip, goňşusy ondan sorady.

— Ýok — diýip, Şwamm jogap gaýtardy. — Eýsem, men şoňa meňzeýänmi?

— Siziň nähilidigiňizi men nireden bileýin. Garaňky — diýip nätanyş jogap berdi. Şwamm zoraýakdan ýylgyryp düşündirmek isledi:

— Hudaý saklasyn, ýok! Meniň bir kiçijik oguljygym bar, jenap... (ýöne goňşusy öz adyny aýtmady), ol şeýle eýjejik, ol şeýle ejizje... Şol sebäpli hem men şu ýere geldim.

— Ol, näme, hassahanadamydy?

— Ýok, diýýäniňiz näme?! Onuň jany sag-la,

Meşhur nemes ýazyjysy Zigfrid Lens 1926-njy ýylyň 17-nji martynda, Germaniýanyň Elk şäherçesinde dünýä indi. 1943-nji ýylda harby gulluga çagyrylýar. Ol uruşdan soň, Hamburg uniwersitetiniň pelsepe, iňlis dili we edebiýaty fakultetini tamamlaýar. Ýazyjy «Asmandaky çaýkeller» (1951) atly ilkinji romanyndan düşen galamhakyna Keniýa syýahat edýär. Günter Grass, Hinrih Böll, Günter Aýh ýaly belli ýazyjylar bilen birlikde, Zigfrid Lens hem Germaniýanyň ýazyjylar bileleşigine goşulypdyr. 1968-nji ýylda çap etdiren «Nemes sapaklary» romany Lense bütindünýä meşhurlygyny getirýär. Bu eser tiz wagtyň içinde, takmynan, 30 dile terjime edilip, nemes dilindäki iň meşhur eserleriň hataryna goşulýar. «Ülkäni öwreniş muzeýi» (1978) we «Arneniň mirasy» (1999) romanlary hem okyjylar tarapyndan gyzgyn garşylanýar. Z. Lens edebiýat ugry boýunça Gýöte baýragyna, Frankfurt çaphanaçylarynyň baýragyna, Halkara Nonino baýragyna mynasyp bolýar. 2008-nji ýylda çap edilen «Bir minutlyk dymyşlyk» romany ýazyjynyň häzirki güne çenli neşir edilen iň soňky uly eseridir. Romanlarynyň köpüsinde jemgyýetçilik durmuşyny suratlandyrýan ýazyjynyň bu eseri söýgä hem çagalyga bagyşlanandygy sebäpli, Zigfrid Lensiň döredijiliginde aýratyn orun eýeleýär.

Ýazyjy biziň döwrümizde hem okyjylary täze çaklaňja eserleri bilen häli-şindi begendirýär.



**ZIGFRID LENS**

dogry, biraz gowşagrak, hawa, şeýleräk... Oňat okaýar. Men size nämüçin bu ýerde, siziň bilen bir ýerdedigimi düşündirjek bolýaryn. Muny ýaňyjada aýdypdym, bu — meniň şol oguljygym bilen bagly. Ol çendenaşa duýgur, ol şeýlebir näzijek welin, oňa çalaja şemal çaldygy bes.

— Diýmek, garaz, ol hassahanada-da?

— Ýok-la! — diýip, Şwamm gygyrdy: — Men size aýtdym ahyry, ol sagat, bütinleý sagat, hernäme-de bolsa, häzire çenli-hä sagat. Emma ol gorky astynda, çaga şeýle lellimje, kalpjagazy edil jäçden ýasalan ýaly, ine, şonuň üçinem oňa howp abanýar.

— Beýle bolsa, onda nämüçin ol özüni heläklänok?

— Siz bir diňleseňizläň, ol entek çagajyk ahyry. Onuň tenjagazy şeýlebir näzijek. Nädip beýle söz- leri diliňize alyp bilýärsiňiz? Ol her säher mekdebe gidýär. Mekdebe onuň elmydama ýeke özi gidýär. Her gezegem ol demir ýol geçelgesinde eglenmäge mejbur bolýar. Ol tä irdenki otly geçip gidýänçä garaşýar. Şeýdip, körpejäm duran ýerinden ýolagçylara elini bulaýlaýar, bar güýçjagazy bilen bulaýlaýar. Ilki şatlyk bilen, soňra bolsa gamgyn bolup...

— Ýeri, onsoň näme?

— Ol okuwa gidýär, öýe gelensoň bolsa gussa batýar, keýpsiz bolýar, käte hatda aglaýaram. Onuň okuwda berlen öý işlerini etmäge-de höwesi ýok, ne oýnasy gelýär, ne-de gürläsi. Bu ýagdaý birnäçe aý bäri günde-günaşa, dowam edýär. Oguljygym heläk bolup barýar, gözümiň alnynda eräp-akyp barýar...

— Bu nämüçin beýle-kä?!

— Bilýäňizmi näme — diýip, Şwamm aýtdy. — Bu örän geň: öz el bulaýlamasyna, otludaky ýolagçylaryň hiç haýsysy jogap edip, ellerini galgatmasa, oňa gaty ýokuş degýär. Ol muny ýüregine öte ýakyn kabul edýär welin, aýalym ikimiz uly alada galýarys. Ol-a eljagazlaryny bulaýlaýar, emma hiç kim gaýtargy bermeýär. Elbetde, ýolagçylary ellerini bulaýlap jogap bermäge mejbur edip bolmaz... şeýle görkezme çykarylaýsa, kem bolmasa-da bolmazdy welin, ýöne...

— Jenap Şwamm, diýmek, siz ertir irdenki otla münüp, oglanjyga eliňizi bulaýlap, ony köşeşdirmekçi bolýarsyňyz-da?

— Ine, hakyt şeýle, jenap...

— Çagalar meni asla gyzyklandyrmaýar — diýip, nätanyş adam gepledi. — Men hatda olary ýigrenýärin diýseňem boljak. Men olardan gaça duranymy kem göremok, eýsem, olar sebäpli öz aýalymdan hem jyda düşdüm. Ol biçäre çaga üstünden ýogaldy.

— Gör, nähili gynançly — diýip, Şwamm ýerinden biraz galdy-da, tirseklerine direndi. Onuň endamyna ýakymly ýylylyk ýaýrap gitdi. Indi özüniň uklap biljegine ymykly gözi ýetdi.

Goňşusy ondan:

— Siz Kursbah tarapa gidersiňiz, dogrumy? — diýip sorady.

— Hawa.

— Ýeri, sizde hiç hili şübhe döränokmy? Dogrusyny aýtsam, siz öz oguljygyňyzy beýdip aldamaga utanaňzokmy? Siziň hyýallanýan işiňiz, boýnuňyza alyň, ýalançylyk hem adam oýnamak ahyry.

Şwammyň gahary geldi.

— Hany, bes ediň, öz çägiňizden çykmaň. Siziň beýle sözleri diýmäge nädip ynsabyňyz çatýar?

Ol başyny ýassyga goýdy. Goňşusy dymýardy. Şwamm dessine uka gitdi.

Ol ir bilen oýanyp, goňşusynyň eýýäm ýokdugyny gördi. Sagadyna seredip, onuň tasdan zähresi ýarylypdy: otlynyň ugramagyna bary-ýogy bäş minut galypdyr. Indi oňa ýetişmek barada pikir edere iş hem ýokdy. Onuň ýene bir gije bu şäherde galmaga takady ýetmedi. Ol agşamara başga bir ulag bilen öýlerine sussupes, keýpsiz halda do-lanyp geldi.

Gapyny oguljygy açdy. Oglanjygyň gözleri bagtyýarlykdan ýaňa ýaldyrap durdy. Ol gapyny şatlyk bilen iki ýana serpdi-de, kakasyna garşy okduryldy. Eljagazlary bilen kakasynyň dyzlaryny ýumruklap:

— Biri maňa elini bulaýlady, kaka, biri maňa elini bulaýlady! — diýip gygyrdy. Şwamm:

— Eli taýaklymydy? — diýip sorady.

— Hawa, onuň ujuna elýaglygyny daňypdyr, soňra bolsa, otlynyň penjiresinden taýagyny çykaryp, tä gözümden ýitýänçä bulaýlady, kaka! — diýip, oglanjyk begenjinden uçaýjak bolup, kakasynyň boýnuna towusdy...

*Terjime eden*
*Annamuhammet KIRŞEN.*